Tebigat ylymlary 1

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
1-nji synpy üçin derslik

Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan neşire hödürlenildi

Täze neşir



Daşkent – 2021

UO‘K 5(075.3)
KBK 2ya71
T 13

Düzüjiler:
K. T. Suýarow, Z. Ý. Tillaýewa, Z. B. Sangirowa, M. K. Ýuldaşewa,
M. M. Awezow, M. H. Baýmuratowa, D. S. Azamatowa, M. T. Umaraliýewa,
U. E. Alimuhamedowa, S. G. Hasanowa, D. T. Hasanowa, D. K. Turdiýewa,
N. W. Ýusupowa, G. A. Pahramowa, Ş. M. Ganiýewa

Halkara ekspert:
Philippa Gardom Hulme

Syn ýazanlar:

K. Saparow – Nyzamy adyndaky DDPU tebigat ylymlary fakultetiniň dekany, biologiýa ylymlarynyň doktory, professor.

Ş. Şaripow – Mürze Ulugbek adyndaky ÖzMU geografiýa we tebigy resurslar fakultetiniň dekany, geografiýa ylymlaryny kandidaty, dosent.

U. Halilow – ÖzR YA Ion-plazma we lazer tehnologiýalary institutynyň baş ylmy işgäri, fizika-matematika ylymlarynyň doktory (DSc).

E. Hujanow – Nyzamy adyndaky DDPU fizikany we astronomiýany okatmagyň metodikasy kafedrasynyň dosenti, pedagogika ylymlary boýunça filosofiýa doktory (PhD).

I. Abdurahmanowa – DPLI ýanyndaky akademik liseýiň ýokary derejeli biologiýa mugallymy.

Tebigat ylymlary [Tekst]: derslik 1-nji synp / K. Suýarow [we başg.]. – Daşkent: Respublikan tälim merkezi, 2021. – 88 s.

ISBN 978-9943-7116-5-5

UO‘K 5(075.3)
KBK 2ya71

Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.

UNICEF-iň Özbegistandaky wekilhanasy bilen hyzmatdaşlykda taýýarlandy.

Original maket we dizaýn konsepsiýasy Respublikan tälim merkezi tarapyndan taýýarlandy.

ŞERTLI BELGILER:

 – soraglara jogap beriň

 – ýatda saklaň

 – ýumuş

 – kiçi barlag

 – gözegçilik ediň

ISBN 978-9943-7116-5-5

© Respublikan tälim merkezi, 2021



MAZMUNY





1-nji BAP. BIZI GURŞAÝAN ÄLEM

1-nji tema. Men gözleýjidirin! 6

Amaly sapak

2-nji tema. Janly we jansyz tebigaty öwrenýäris 8

3-nji tema. Janly organizmler.....10

2-nji BAP. ÖSÜMLIKLER

4-nji tema. Ösümlikleriň ösmegi üçin nämeler zerur?.....14

5-nji tema. Ösümlikleriň köpdürlüligi...16

Amaly sapak

6-njy tema. Ösümlikleriň gurluşy 18

Taslama işi

7-nji tema. Ösümlikleri ekmek we ideg etmek 20

3-nji BAP. HAÝWANLAR

8-nji tema. Haýwanlaryň ýaşamagy üçin nämeler zerur?.....24

9-njy tema. Haýwanlaryň köpdürlüligi 26

10-njy tema. Haýwanlaryň ösüşi.....28

Amaly sapak

11-nji tema. Haýwanlaryň ähmiýetini öwrenýäris 30



4-nji BAP. HOWA ÝAGDAÝY

12-nji tema. Howa ýagdaýy näme? 34

Amaly sapak

13-nji tema. Howanyň temperaturasyny ölçemek 36

14-nji tema. Ygalyň görnüşleri 38

5-nji BAP. ÝYLYŇ PASYLLARY

15-nji tema. Güýz 42

16-njy tema. Gyş 44

17-nji tema. Bahar 46

18-nji tema. Tomus 48

Amaly sapak

19-njy tema. Ýylyň pasyllaryny tapawutlandyrmak we Özgerişleri teswirlemek.....50

6-njy BAP. ÝAŞAÝYŞ ÝERI

20-nji tema. Tokaý 54

21-nji tema. Çölüň tebigaty.....56

22-nji tema. Suw basseýni.....58

7-nji BAP. ÝER WE ÄLEM

23-nji tema. Asmanda nämeleri görmek mümkin? 62

Amaly sapak

24-nji tema. Güni, Ýeri we Aýy teswirlemek.....64

25-nji tema. Gündiz we gije 66



8-nji BAP. ÝYLYLYK, ÝAGTYLYK WE SES

26-njy tema. Ýylylyk näme?.....70

27-nji tema. Ýagtylyk näme? 72

Amaly sapak

28-nji tema. Ýylylyk we ýagtylyk çeşmelerini tapawutlandyrmak 74

29-njy tema. Ses.....76

Amaly sapak

30-njy tema. Sesleri emele getirmek.....78

9-njy BAP. HEREKET

31-nji tema. Hereket näme? 82

Amaly sapak

32-nji tema. Hereket nähili emele gelýär?.....84

33-nji tema. Jemleýji ders.....86






1-nji BAP
BIZI GURŞAÝAN ÄLEM
MEKDEP

1-nji tema MEN GÖZLEÝJIDIRIN!

Tebigaty nähili öwrenýäris?



Tebigaty öwrenijiler – gözleýjilerdir!

Gözleýji gözegçilik edýär, ölçeýär, deňeşdirýär, kesgitleýär we netije çykarýar.



Tebigaty öwrenende haýsy duýgy agzalarymyzdan peýdalanýarys?



AMALY SAPAK

2-nji tema **JANLY WE JANSYZ TEBIGATY ÖWRENÝÄRIS**

Janly we jansyz tebigata nämeler giryär?



Guşda we şarda nähili özgeriş peýda boldy?









Bize gerek


Kagyz


Gurçuk


Daş


Pinset


Lupa

Ýerine ýetirilişi

1 Pinsetiň kömeginde gurçugy kagyza goýuň.

2 Lupanyň kömeginde gurçuga gözegçilik ediň.

3 Daşy ýerinden süýşüriň.

Jansyz jism we janly organizmleriň hereketlenişinde nähili tapawut bar?

3-nji tema JANLY ORGANIZMLER

Çagalar näme edýärler? Suratdaky haýsy ýagdaýlary dogry diýip pikir edýärsiňiz?



Ösümlikler, haýwanlar we adamlar janly organizmlerdir.

Olar iýmitlenýär, dem alýar, hereketlenýär, ösýär we ulalýar.


Ösümlikleri we haýwanlary tapawutlandyryň. Atlaryny aýdyň.



2-nji BAP

ÖSÜMLIKLER



4-nji tema

ÖSÜMLIKLERIŇ ÖSMEGI ÜÇIN NÄMELER ZERUR?



Gün



Howa



Suw



Toprak

Mekgejöwen näme üçin gowy ösmedi?





Mekgejöwen näme üçin gurap galdy?





Näme üçin ýer ýumşadylýar?



Ösümliginiň gowy ösmegi üçin nämeler zerur?



5-nji tema ÖSÜMLIKLERIŇ KÖPDÜRLÜLIGI

Ösümlikler nähili toparlara bölünýär?

Daragt – bir ýogyn agaç baldakly ösümlik.
Gyrymsy – birnäçe agaç baldakly ösümlik.
Otlar – ýaşyl baldakly ösümlik.



Gyrymsy

Daragta, gyrymsa we otlara nähili ösümlikler giryýär?



Daragt

Otlar

AMALY SAPAK

6-njy tema ÖSÜMLIKLERIŇ GURLUŞY

Suratda haýsy ösümlikler görkezilen?
Ösümlikler nähili böleklere bölünýär?



Pomidorda näçe gül we näçe miwe bar?

Pomidordan nämeler taýýarlamak mümkin?





Iki sany behi bişip, ýere gaçdy.
Daragtda näçe behi galdy?



Behiden nämeler taýýarlanýar?







TASLAMA IŞI

7-nji tema ÖSÜMLIKLERI EKMEK WE IDEG ETMEK


Keramzit


Bag topragy


Kök atan ösümlik


Torf


Pilçe


Güldan


Biodökün


Suw gaby



1. Toprak, biodökün, torf garylýar.





3. Güldan Ýarysyna çenli toprak garyndysy.

4. Kök atan ösümlik güldana ýerleşdirilýär.





5. Güldandaky ösümligiň köki toprak bilen gömülýär.

2. Güldana keramzit salynýar.



6. Ösümligiň töweregindäki toprak el bilen basylýar.

7. Ösümlige suw guýulýar.





Ösümlige ideg ediň we ösüşine gözegçilik ediň.





3-nji BAP

HAÝWANLAR

8-nji tema

HAÝWANLARYŇ ÝAŞAMAGY ÜÇIN NÄMELER ZERUR?

- Haýwanlaryň ýaşaýşyna gözegçilik ediň. Haýwanlar näme edýär?
- Haýwanlar öz zerurlygy üçin zerur zatlary nähili tapýar?





Haýwanlar janly organizmlerdir. Haýwanlaryň ýaşamagy üçin iýmit, suw, howa, ýaşaýyş ýeri zerur!

Haýwanlar iýmitlenýär, dem alýar, hereketlenýär, ösýär, köpelýär.

9-njy tema HAÝWANLARYŇ KÖPDÜRLÜLIGI

Oňurgaly haýwanlar



Süýdemdirijiler

- Çagasyny süýt bilen bakýar.
- Bedeni ýüň bilen örtülen.





Guşlar

Bedeni ýelek bilen örtülen.



Süýrenijiler



Bedeni teňňejikler bilen örtülen.



Ýerde-suwda ýaşaýanlar



Bedeni şepbeşik deri bilen örtülen.



Balyklar



- Ýüzgüçleriniň kömeginde ýüzýär.
- Bedeni teňňejikler bilen örtülen.



Oňurgasyz haýwanlar



- Haýwanlar iýmitlenişine görä ýyrtyjy we ot iýýän bolýar.
- Ýyrtyjylar başga haýwanlar bilen iýmitlenýär.
- Ot iýýän haýwanlar ösümlikler bilen iýmitlenýär.





Berlen haýwanlary nähili toparlara bölmek mümkin?



10-njy tema HAÝWANLARYŇ ÖSÜŞI

- Haýwanlar haýsy alamatlary bilen enesine meňzeýär?
- Haýwanlar haýsy alamatlary bilen enesinden tapawutlanýar?





At we taýçanak



Düýe we köşek



Goýun we guzy



Geçi we owlak



Sygyr we göle



Haýwanlaryň ösüş prosesine gözegçilik ediň.
Olarda nähili özgerişler boldy?



AMALY SAPAK

11-nji tema HAÝWANLARYŇ ÄHMIÝETINI ÖWRENÝÄRIS

Adamlar näme üçin haýwanlary bakýarlar?



Bu önümler haýsy haýwanlardan alynýar?








Ýumurtganyň hilini nädip anyklaýarys?



Bize gerek



2 ýumurtga



2 stakan



Grafinde suw

Ýerine ýetirilişi



1. 2 stakana ýarysyna çenli suw guýuň.
2. Suw guýlan stakanlara bir sanydan ýumurtga salyň.
3. Stakandaky ýumurtgalaryň suwdaky ýerleşişine syn ediň.



Köne ýumurtga



Täze ýumurtga

Köne ýumurtgany iýmek bolmaýar.







4-nji BAP

HOWA ÝAGDAÝY

12-nji tema HOWA ÝAGDAÝY NÄME?

Howa ýagdaýlaryny düşündiriň.



6 : 00



Günüň dowamynda howa ýagdaýynyň üýtgeýşine gözegçilik ediň.

Daňdan biraz salkyn boldy.

10 : 00



Soň Gün çykyp, Günortana golaý howa maýlady.

14 : 00



Günortandan soň asmany bulut örtdi we ýagyş ýagdy.

Howanyň günüň dowamynda üýtgemegine **howa ýagdaýy** diýilýär.

- Haýsy suratda ýagynly howa ýagdaýy görkezilen?
- Günüň haýsy wagtynda howa salkyn bolýar?

Jedwel esasynda howa ýagdaýy barada tekst düzüň.

Bu gün	Bulut	Şemal	Ygal
Daňdan	✗	✓	✗
Ir bilen	✓	✓	✗
Günortan	✓	✗	✓
Agşamara	✗	✗	✗

Howa ýagdaýy tiz-tiz üýtgäp durýar.

Gijesine howa salkyn boldy.

Agşamara howa açyldy.



AMALY SAPAK

13-nji tema HOWANYŇ TEMPERATURASYNY ÖLÇEMEK





Haýsy termometrde howanyň temperaturasy ölçenýär?

Biz her gün telewizor we internet arkaly howa sowuk, maýyl ýa-da yssy bolýandygyny bilýäris. Bular **howanyň temperatura**sydyr.

Howanyň termometri



Howanyň temperaturasy **termometriň** kömeginde ölçenýär.





Bize gerek


Howa termometri


Kagyz


Ruçka

Ýerine ýetirilişi

1. Howa termometriniň kömeginde synp otagyndaky temperaturany ölçäň we netijäni kagyza ýazyň.
2. Mekdep howlusyndaky temperaturany mugallymyňyzyň kömeginde ölçäň we netijäni kagyza ýazyň.
3. Ölçeg netijelerini deňeşdiriň.

Otag temperaturasyny üýtgetmek mümkindigini, ýöne mekdep howlusyndaky temperaturany üýtgedip bilmeýändigimiziň sebäplerini düşündiriň.

14-nji tema YGALYŇ GÖRNÜŞLERI

Ygalyň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?

Howa gaty sowuk bolan wagtda **gar** ýagýar.





Bulutlardan damja görnüşinde gaçýan suw **ýagyş**dyr.

- Ýagyş ýagmagynyň nähili gowy taraplary bar?
- Ygallardan nähili goranýarsyňyz?

Ýagyş, gar, doly we **çabga** ygalyň görnüşleri hasaplanýar.

Köplenç ýagyşdan we çabgadan soň **älemgoşar** çykýar.



Ýagyş ýagýan wagtda howa birdenkä sowuk bolsa, **doly** emele gelýär.

Eger gysga möhletleýin güýçli ýagyş ýagsa, bu – **çabga**.







5-nji BAP

ÝYLYŇ PASYLLARY

15-nji tema GÜÝZ

Güýz paslyny nähili göz öňüne getirýärsiňiz?

Güýz, gyş, bahar we tomus – ýylyň pasyllary.

- Güýzde ösümlikleriň we haýwanlaryň ýaşaýşynda nähili özgerişler bolýar?
- Güýzde adamlar nähili işler bilen meşgullanýarlar?
- Näme üçin bu pasly altyn güýz diýip atlandyrýarys?

Güýzde daragtyň ýapraklary saralyp, ýere gaçýar.

Sentýabr, oktýabr we noýabr **güýz aýlary**dyr.



Ekin meýdanlaryndaky hasyl ýygyp alynýar we gyşa taýýarlanylýar. Guşlar yssy ülkelere uçup gidýärler.



16-njy tema GYŞ

Gyş paslyny suratlandyryň.

- Gyş paslynda bolýan tebigy hadysalary aýdyň.
- Gyşda haýwanlar näme edýär?
- Gyş paslynda çagalar nähili oýunlary oýnaýarlar?





Dekabr, ýanwar, fewral **gyş aýlary**dyr.







Gyş – ýylyň iň sowuk pasly. Gyş paslynda howa esasan sowuk we bulutly bolýar, gar ýagýar. Sowukda suwuň üsti doňýar.



17-nji tema BAHAR

Baharda tebigat nähili reňke bürenýär?

- Haýsy ösümlikler baharyň buşlukçylary hasaplanýar?
- Baharyň buşlukçylary bolan guşlary bilýärsiňizmi?

Daragtlar pyntyklaýar we gülleýär.

Bahar paslyna mahsus özgerşleri aýdyň.

Baharyň gelmegi bilen tebigat oýanýar. Guşlar uçup gelýär. Howa maýlap başlaýar.

Meýdanlarda iş başlanýar. Baharda “Nowruz” baýramy bellenýär.

Mart, aprel we maý **bahar aýlary**dyr.

18-nji tema TOMUS

Tomsuň gelmegi bilen tebigatda nähili özgerişler bolýar?

- Tomusda adamlar nämeler bilen meşgullanýarlar?
- Tomus paslynda tebigatda nähili özgerişler bolýar?

Iýun, iýul we awgust **tomus aýlary**dyr.









Tomus pasly bilen bagly suratlary tapyň.





















Tomus – ýylyň iň yssy pasly. Tomusda örän köp miweler bişýär. Tomsuň gelmegi bilen dynç alyş başlanyp, çagalar dynç alyş mesgenlerine barýarlar.











AMALY SAPAK

19-njy tema

ÝYLYŇ PASYLLARYNY TAPAWUTLANDYRMAK WE ÖZGERIŞLERI TESWIRLEMEK



















- Suratlar haýsy pasyllara degişli?
- Pasyllar bilen bagly özgerişleri maşk depderiňize bellik ediň.

























6-njy BAP

ÝAŞAÝYŞ ÝERI

20-nji tema TOKAÝ

Tokaýy nähili göz öňüne getirýärsiňiz?

Tokaý gür ot-ösümliklerden, gyrymsylardan we daragtlardan ybarat ýerdir. Tokaýda haýwanlar, guşlar ýaşaýar.

Ösümlikler gür ösenligi sebäpli tokaýyň käýerlerine Gün şöhleleri kem düşýär. Şeýle ýerleriň zeýi artyp, **batgalyklar** emele gelýär.

- Näme üçin tokaýlarda ot-ösümlikler gür ösýär?
- Tokaýda azaşaýsaňyz, näme eden bolardyňyz?

Suratdaky haýwanlaryň atlaryny aýdyň we olary maşk depderiňize bellik ediň.

Ýer ýüzünde tokaýlar gaty kän. Olary gorap saklamalydyrys!

21-nji tema ÇÖLÜŇ TEBIGATY

Çöli nähili göz öňüne getirýärsiňiz?



- Näme üçin çöllerde ösümlikler we haýwanlar gaty seýrek bolýar?
- Çölde nähili ösümlikler ösýär?



Sazak

Towşan

Çöl ösümlikleri we haýwanlary yssa, suwsuzlyga uýgunlaşan bolýar.

Ýylgyn

Zemzem

Içýan

Çöllerde howa örän yssy, jöwzaly bolýar. Olar uly meýdanlary eýeleýär. Çölde ösümlikler we haýwanlar gaty az.





Düýe

Çölde gurakçylyga uýgunlaşan süýreniji we süýdemdiriji haýwanlar ýaşaýar.





Atýalman



Pyşbaga



Ýylan



Alaka

Çöllerde ýeriň üstüni gumlar eýeleýär.



Ýandak

22-nji tema SUW BASSEÝNI

Gök kit

Okeany nähili göz öňüne getirýärsiňiz?

Seld

Delfin

- Okeany telewizorda görüp-diňizmi?
- Näme üçin okeanyň suwuny içip bolmaýar?

Okean – Ýer ýüzündäki iň uly suw basseýni.

Akula

Okeanlarda hem ýaşaýyş bar. Ol ýerde ösümlikleriň we haýwanlaryň köp görnüşlerine duşmak mümkin.

Sekizaýak

Deňiz ýyldyzy

Çarlak

Okean suwlary şemalyň täsirinde tolkunlary emele getirýär.

Balykçy guş

Deňiz pyşdyly

Okeana mahsus ösümlikleri we haýwanlary görkeziň.
















Okeanyň suwy şor we içip bolmaýar.

Gyzyl balyk

Okeanlarda kit, delfin, akula we dürli balyklar ýaşaýar.

Suwoty





7-nji BAP

ÝER WE ÄLEM

23-nji tema

ASMANDA NÄMELERI GÖRMEK MÜMKIN?



Asmana gözegçilik ediň. Nämeleri görýärsiňiz?



Asmanda günüň dürli wagtynda dürli görnüşi görüp bileris.



- Näme üçin gündizine ýyldyzlar görünmeýär?
- Gije asmanda ýene nämeler göze ilýär?





Gündizine asmanda Güni, bulutlary we uçup ýören guşlary görüp bileris.

Bulutly günde guşlar pessaýlap uçýar. Bu howanyň üýtgejekdigini, ýagyş ýagjakdygyny aňladýar. Howa açyk bolanda bolsa, guşlar belent uçýarlar.

Gijesine ýyldyzlar we Aý görünýär. Ýyldyzlar Ýerden alysdadygy sebäpli kiçi görünýär.

Aý Ýerden esli kiçi.
Ol ýyldyzlara görä ýakynrak.



Gündizine Güni, gijesine bolsa
Aýy we ýyldyzlary görmek bolýar.

AMALY SAPAK

24-nji tema GÜNI, ÝERI WE AÝY TESWIRLEMEK



Bize gerek



Boýaglar



Çotga

Ýerine ýetirilişi



1. Güni, Aýy we Ýeri özüňiz göz öňüne getiren reňke boýaň.
2. Günden we Aýdan haýsysy Ýere ýakynrak?
3. Olary ululygyna görä yzygider ýerleşdiriň.







25-nji tema GÜNDIZ WE GIJE

Günüň çykyşyna we batyşyna gözegçilik edipdiňizmi?

- Haýsy ösümlik ýa-da haýwan gündiz bilen gijäniň çalyşýandygyny aňladýar?
- Siz gündiz we gije nämeler bilen meşgul bolýarsyňyz?



Gün batmagyndan çykmagyna çenli bolan wagta **gije** diýilýär.

Günüň çykmagy we batmagy gündiz bilen gijäniň çalyşýandygyny aňladýar.

Jedwel esasynda tekst düzüň.

Hepdäniň günleri	Gün çykýan wagt	Gün batýan wagt
Duşenbe	6:50	17:50
Sişenbe	6:48	17:51
Çarşenbe	6:47	17:52
Penşenbe	6:45	17:54
Anna	6:44	17:56
Şenbe	6:43	17:58
Ýekşenbe	6:40	18:00



Gün çykyşydan batýança bolan wagty **gündiz** diýip atlandyrýarys.



8-nji BAP

ÝYLYLYK, ÝAGTYLYK WE SES

STEM Science & Technology

26-njy tema ÝYLYLYK NÄME?

Aýalaryňyzy bir-birine sürtüň.
Nämäni duýduňyz?



Gün – ýylylyk çeşmesi.
Gün bize ýylylyk we ýagtylyk berýär.

Aşakdaky suratda nämeleri görýärsiňiz?

Odun ýananda nähili
prosesi görmek mümkin?



Nähili ýylylyk çeşmelerini bilýärsiňiz?

Öýüňizde nähili ýyladyjy serişdelerden peýdalanýarsyňyz?







Bize gerek


Stakan


Yssy suw


Agaç we metal çemçe

Ýerine ýetirilişi

1. Stakana yssy suw guýuň.
2. Agaç çemçäni yssy suwa salyň.
3. Metal çemçäni yssy suwa salyň.
4. Çemçeleri suwdan çykaryň.

Howpsuzlyk kadalaryna amal ediň.

Haýsy çemçe yssyrak?

Metal predmetler ýylylygy gowy geçirýär.

Agaç predmetler ýylylygy gowy geçirmeýär.

STEM Science & Technology

27-nji tema ÝAGTYLYK NÄME?



Gözleriňizi ýumuň, soňra açyň. Nämäni duýduňyz?

Ýagtylyk sebäpli daş-töweregimizdäki ähli zatlary görüp bilýäris. Gözlerimizi ýumanda bolsa diňe garaňkylygy duýýarys.

Ýagtylygyň daşky gurşawa täsirini görýäris.







Ýagtylyk adamlaryň, haýwanlaryň we ösümlikleriň ýaşamagy we ösmegi üçin zerurdyr!

Suratda nämeleri görýärsiňiz?





Gün batansoň, köçäniň çyralary ýakylýar.

Tebigy we emeli ýagtylyk çeşmelerini aýdyň.



Bize gerek


Jübi fonary


Ak kagyz


Karton kagyz


Dury plýonka

Ýerine ýetirilişi

1. Fonary ýakyp, ýagtylygy karton kagyza ugrukdyrýarys we şöhläniň geçişine gözegçilik edýäris.
2. Fonary ýakyp, ýagtylygy ak kagyza ugrukdyrýarys we şöhläniň geçişine gözegçilik edýäris.
3. Fonary ýakyp, ýagtylygy dury plýonka ugrukdyrýarys we şöhläniň geçişine gözegçilik edýäris.

Ýagtylyk dury jisimlerden gowy geçýär. Synp otaglarynyň we otaglaryň äpişgesiniň aýnasyna dury jisimler (çüýşe aýna) ornaşdyrylýar. Şu sebäpli otaglar ýagty bolýar.

AMALY SAPAK

28-nji tema ÝYLYLYK WE ÝAGTYLYK ÇEŞMELERINI TAPAWUTLANDYRMAK



Bize gerek



Stol çyrasy



Termometrler



Ak we gara mata

Ýerine ýetirilişi

1. Stol çyrasyny stoluň üstüne goýuň we ýakyň.
2. Ak we gara matalary epläp, olaryň arasyna termometri ýerleşdiriň.
3. 5-6 minutdan soň matalary çyranyň aşagyndan alyň.
4. Matalaryň arasyndaky termometrleriň görkezijisini bellik ediň.



Matanyň gyzandygyny duýduňyzmy?
Termometrleriň görkezişinde tapawut barmy?





Ýagtylygyň täsirinde ak mata garanda gara mata köpräk gyzýar.

Siz gündelik durmuşda nähili ýylylyk we ýagtylyk çeşmelerinden peýdalanýarsyňyz?











Ýagtylyk çeşmeleri özünden ýagtylyk we ýylylyk çykarýar.



29-njy tema SES

- Sesleri haýsy duýgy organy arkaly eşidýäris?
- Siz nähili sesleri bilýärsiňiz?









Sesleri gulaklarymyzyň kömeginde eşidýäris.

Çagalar nähili sesleri diňleýärler?





- Bu sesler çagalar üçin ýakymlymy?
- Siz muny nähili anykladyňyz?

Ses çeşmeleri






Ýene nähili ses çeşmelerini bilýärsiňiz?



Daş-töweregimizde nähili sesler bar?

Gözüňizi ýumuň, elleriňiz bilen gulaklaryňyzy ýapyň.

Göz öňüne getiriň, siz:

- haýwanat bagynda;
- dagda;
- suwuň boýunda bolsaňyz, nähili sesleri eşidýärsiňiz?





Sesler ýakymly, ýakymsyz, sazly we şowhunly bolýar.



AMALY SAPAK

30-njy tema SESLERI EMELE GETIRMEK



Bize gerek


Keramik gap


Çüýşe gap


Plastmassa gap


Metal çemçe

Ýerine ýetirilişi

1 Keramik gaba metal çemçäni birnäçe gezek uruň we ondan çykýan sesi diňläň.

2 Çüýşe gaba metal çemçäni birnäçe gezek uruň we ondan çykýan sesi diňläň.

3 Plastmassa gaba metal çemçäni birnäçe gezek uruň we ondan çykýan sesi diňläň.

Gözüňizi ýumuň. Gaplardan çykýan sesleri tapawutlandyryň.





Haýsy gapdan çykýan ses size ýakdy?





Jisimler bir-birine urlanda ses çykarýar.



Sazly we şowhunly ses çeşmelerini anyklaň.









9-njy BAP

HEREKET

31-nji tema HEREKET NÄME?

Nähili hereketleri görýärsiňiz?



Daş-töwerekde nämeler hereketlenýär?
Haýsylary hereketsiz ýagdaýda?



Hiňňildikde uçanda daragtlar, güller, öýler edil hereketlenýän ýaly duýulýar.
Näme üçin?











Hereket öňe, yza, saga, çepe, ýokary, aşak ugrugan bolýar.





AMALY SAPAK

32-nji tema HEREKET NÄHILI EMELE GELÝÄR?



Bize gerek


Kagyz


Gaýçy


Gaýçy


Galam


Sapak


Kagyz salfetka


Çyzgyç

Ýerine ýetirilişi

1. Kagyzdan samolýot ýasaň.
2. Samolýoty howada uçuryň.
3. Samolýotyň hereketine syn ediň.
4. Kagyz salfetkadan paraşýut ýasaň.
5. Paraşýuty ýokardan aşak hereketlendiriň.
6. Paraşýutyň hereketine syn ediň.



Hereket nähili emele geldi?



Zat-predmetleri çekip, itekläp, göterip we aşak düşürip hereketi emele getirýäris.

33-nji tema JEMLEÝJI DERS

Organizmleriň meňzeş we tapawutly alamatlaryny aýdyp beriň









Ýylylyk çeşmesini tapyň







Miwelerden peýdalanyp Ýeriň, Günüň we Aýyň modelini dörediň







O‘quv nashri

Tabiiy fanlar

Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining
1-sinfi uchun darslik
(Turkman tilida)

Suratçy Ihwoldin Salohitdinow

Terjime eden Şirinjan Abdullaýewa
Redaktor Gülbahar Abdullaýewa
Çeper redaktor Sarwar Farmonow
Tehniki redaktor Akmal Suleýmanow
Korrektor Gülbahar Abdullaýewa
Dizaýner Dilmurad Mulla-Ahunow
Sahaplaýjy Alimardan Akilow

Çap etmäge 2021-nji ýylyň 7-nji iýunda rugsat edildi..
Möçberi 60×84 1/8. Arial garniturasy.
Kegli 18 şponly. Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listii 10,23. Neşirýat-hasap listi 11,70.
1453 nusgada çap edildi. Buýurma № ___.

JÇJ «O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýi.
100011, g. Daşkent, Nowaýy köçesi, 30.

Телефон: (371) 244-87-55, 244-87-20.
Факс: (371) 244-37-81, 244-38-10.
e-mail: uzbekistan@iptd-uzbekistan.uz
www.iptd-uzbekistan.uz